THE ASHGABAT TIMES

# Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli çykarylan ýadygärlik markalary Bütindünýä poçta bileleşiginiň muzeýinde ýerleşdirildi

Gündogaryň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli türkmen tarapynyň çykaran ýadygärlik ýubileý markalarynyň nusgalary Bütindünýä poçta bileleşiginiň (BPB) Baş direktory Masahiko Metokä gowşuryldy.

BPB-nyň çözgüdine laýyklykda, agzalan markalaryň nusgalary Bern şäherindäki Bütindünýä poçta bileleşiginiň muzeýinde (Şweýsariýa Konfederasiýasy) hemişelik esasda ýerleşdirildi.

Mundan daşary, Bileleşigiň çözgüdi bilen, ýubileý markalaryň nusgalary BPB-nyň ähli agza döwletlerine – dünýäniň 192 ýurduna iberildi.

Все права защищены

21.11.2024